# Dünýa hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýa hakda DÜNÝÄ HAKDA



Dünýä hiç haçanam bolmandyr kämil,
Açylmandyr onuň gözi zulumdan.
Birek-birek bilen darkaş gurupdyr,
Bazarlar dolupdyr söwda gulundan.
Adamlaryň ýeten derejesinde
Şäherler gurulyp, şäher tozupdyr.
Göz gyzdyryp bir-biregiň zadyna,
Han-begler, serdarlar, şalar… azypdyr.

Bu bize gelipdir ata-babadan,
Ata-baba gadymýetiň kyssasy.
Dünýä pyrryldakdan doly ekeni,
Adam onuň düzelmejek hassasy.

08.05.2023. Goşgular